Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Salgyt müdiriýetiniň Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrap Salgyt bölümi tarapyndan
«BELLIGE ALYNDY»
№ 21021712
« 28 » 05 2025ý.

«TASSYKLANYLDY»
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygy ______ T.Mälikow
2025-nji ýylyň 5-nji maýynda geçirilen 7 belgili mejlis ýazgysy

# Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň TERTIPNAMASY

Aşgabat – 2025ý.

# I. UMUMY DÜZGÜNLER

## 1.Başlangyç esaslar

1.1. Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow adyndaky ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň tertipnamasy (mundan beýläk - Tertipnama) Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow adyndaky ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň (mundan beýläk – Bank mekdebi) işleriniň guramaçylyk we hukuk esaslaryny düzgünleşdirýär.

Şu Tertipnama Türkmenistanyň Raýat kodeksine, «Kärhanalar hakynda», «Bilim hakynda», «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna we «Döwlet hünär bilim edaralary hakyndaky düzgünnamalary tassyklamak barada» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda çykaran 2487-nji karary bilen tassyklan «Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnama» laýyklykda işlenip taýýarlandy.

1.2. Bank mekdebi öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, «Bilim hakynda», «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň we Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlaryna, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerine, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna we şu Tertipnama esaslanýar.

1.3. Bank mekdebi ilkibaşda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň 1994-nji ýylyň 26-njy awgustynda çykaran 33 belgili buýrugynyň esasynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ýanyndaky bank hünärmenlerini taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we hünäri ýokarlandyrmak boýunça bankara merkezi görnüşinde döredilýär (ol şu görnüşde Türkmenistanyň Döwlet statistika komitetiniň Aşgabat şäher statistika müdirligi tarapyndan 1995-nji ýylyň 3-nji maýynda 9347 hasap belgisi bilen ilkinji gezek hasaba alnan). Ondan soňra onuň binýadynda «Türkmenistanyň maliýe-ykdysady kollejini döretmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 31-nji ýanwarynda çykaran 4545 belgili karary esasynda Türkmenistanyň maliýe-ykdysady kolleji döredilýär. «Türkmenistanyň maliýe-ykdysadyýet kollejine Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazowyň adyny dakmak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 4-nji maýynda çykaran 4575 belgili karary esasynda Türkmenistanyň maliýe-ykdysadyýet kollejine Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazowyň ady dakylýar.

«Bank hünärmenlerini taýýarlamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2005-nji ýylyň 18-nji iýulynda çykaran 7379 belgili karary esasynda Türkmenistanyň maliýe-ykdysadyýet kolleji Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow adyndaky ýöriteleşdirilen bank mekdebine öwrülýär we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň birlikleriniň düzümine girizilýär (ol Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky daşary ýurt maýa goýumlary boýunça döwlet gullugynyň edara görnüşli taraplary döwlet tarapyndan hasaba alyş gullugynda 2005-nji ýylyň 20-nji awgustynda 26028938 hasap belgide hasaba alnan).

1.4. Bank mekdebiniň esaslandyryjysy bolup Türkmenistanyň Merkezi banky çykyş edýär. Onuň hukuk salgysy: Aşgabat şäheri, Köpetdag etraby, Bitarap Türkmenistan şaýolynyň 36-njy jaýy (ol Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky daşary ýurt maýa goýumlary boýunça döwlet gullugynyň edara görnüşli taraplary döwlet tarapyndan

hasaba alyş gullugynda 2002-nji ýylyň 10-njy dekabrynda 26017728 hasap belgide hasaba alnan).

1.5. Bank mekdebi ýuridiki şahs bolup, onuň hukuk-guramaçylyk görnüşi döwlet kärhanasydyr, ol döwlet orta hünär bilim edarasy hökmünde çykyş edýär we Türkmenistanyň bank ulgamy üçin orta hünär bilimli hünärmenleri taýýarlaýar, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrýar we olary gaýtadan taýýarlaýar.

Bank mekdebi öz maliýe-hojalyk işlerini hojalyk hasaplaşygy esasynda amala aşyrýar, onuň aýratyn emlägi, özbaşdak balansy, Türkmenistanyň bank edaralarynda milli we daşary ýurt pullarynda bank hasaplary bardyr.

Bank mekdebi öz adyndan şertnamalary baglaşýar, emläk hukugyny edinýär hem-de öz borçnamalaryny ýerine ýetirýär, kazyýet edaralarynda tarap bolup çykyş edýär.

1.6. Bank mekdebiniň döwlet dilinde öz ady ýazylan we Türkmenistanyň döwlet tugrasy şekillendirilen tegelek görnüşli möhüri, şeýle hem iş önümçiligini guramak üçin beýleki möhürçeleri hem-de resmi kagyzlary (resmi blanklary) bardyr.

Bank mekdebiniň döwlet dilinde doly resmi ady: «**Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow adyndaky ýöriteleşdirilen bank mekdebi**».

Bank mekdebiniň iňlis dilinde doly resmi ady: «**Specialized Bank School named after the Hero of Turkmenistan Atamurat Niyazov**».

Bank mekdebiniň rus dilinde doly resmi ady: «**Специализированная банковская школа имени Героя Туркменистана Атамурата Ниязова**».

Bank mekdebiniň döwlet dilinde gysgaldylan resmi ady: «**Bank mekdebi**».

Bank mekdebiniň iňlis dilinde gysgaldylan resmi ady: «**Banking School**».

Bank mekdebiniň rus dilinde gysgaldylan resmi ady: «**Банковская школа**».

1.7. Bank mekdebiniň hukuk salgysy: Aşgabat şäheri, Berkararlyk etraby, 6-njy kiçi etrapçasy, Baba Annanow köçesi, 129.

Bank mekdebiniň hukuk salgysyndan gaýry salgylar boýunça ýerleşen aýry düzüm birlikleri bolup biler.

## 2. Bank mekdebiniň esasy maksatlary, wezipeleri we ýörelgeleri

2.1. Bank mekdebiniň işi şahsyýetiň hünär bilimini almaga we ony çuňlaşdyrmaga, akyl we medeni taýdan ösmäge bolan isleginiň kanagatlandyrylmagyna gönükdirilip, onuň esasy maksady Türkmenistanyň bank ulgamy hem-de ykdysadyýetiniň beýleki pudaklary üçin orta bölege degişli hünärmenleri taýýarlamakdan ybaratdyr.

2.2. Bank mekdebiniň esasy wezipeleri:

1) Türkmenistanyň bilim ulgamynda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegi iş ýüzünde üpjün etmek;

2) şahsyýetiň hünär bilimini almaga we ony çuňlaşdyrmaga, akyl we medeni taýdan ösmäge bolan islegini kanagatlandyrmak;

3) Türkmenistanyň bank ulgamy we ykdysadyýetiniň beýleki pudaklary üçin orta hünär bilimli bank hünärmenlerini taýýarlamak;

4) jemgyýetiň ruhy-ahlak, medeni we ylmy gymmatlyklaryny toplamak, goramak hem-de baýlaşdyrmak;

5) talyplarda milli taryh, medeniýet, däp-dessurlar hem-de ileri tutulýan umumadamzat gymmatlyklary bilen özara berk baglanyşykly ýokary medeniýeti, şeýle

hem döwlet Garaşsyzlygynyň we Bitaraplygynyň ýörelgelerine, türkmen halkyna, Watana hem-de Türkmenistanyň Prezidentine çuňňur wepalylygy terbiýelemek;

6) degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimlikleri bilen bilelikde, zehinli hem-de ýokary derejede ukyply ýaşlary Bank mekdebi bilen ýakyndan tanyşdyrmak üçin orta mekdepleriň okuwçylarynyň we işleýän ýaşlaryň arasynda bank hünärlerine ugrukdyryş işlerini geçirmek;

7) talyplaryň Bank mekdebinde okadylýan döwründe amaly işe taýýarlygyny üpjün etmek;

8) ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda, okuw meýilnamalaryny we maksatnamalaryny hil taýdan kämilleşdirmek baradaky teklipleri işläp taýýarlamak;

9) Bank mekdebinde ýaşlary terbiýelemegiň milli maksatnamalaryny durmuşa geçirmek, sport, medeni çäreleri we talyplary okatmagyň, olaryň dynç almagynyň, ýaşaýşynyň şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilen beýleki çäreleri geçirmek;

10) okuwlary ýokary hilli guramagyň we okatmagyň öňdebaryjy usullaryny we serişdelerini ulanmak, bank işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak we olary gaýtadan taýýarlamak;

11) talyplary ýaşlar barada döwlet syýasatynyň maksatlaryna laýyklykda terbiýelemek;

12) talyplary hemmetaraplaýyn ösdürmek üçin şertler döretmek;

13) ýaşlaryň hünär bilimini almagy üçin deň şertleri döretmek;

14) ýaşlary iş bilen üpjün etmek we alan hünär bilimlerini önümçilikde, döwlet gullugynda, ylmy we döredijilik çygrynda ulanmak üçin has amatly şertleri döretmek;

15) ýaşlaryň jemgyýetçilik işjeňligini höweslendirmek, olaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň işini utgaşdyrmak we goldamak;

16) ýaşlarda sanly, elektron tehniki serişdeleri we telekommunikasiýa aragatnaşyk serişdelerini peýdaly, ýerlikli ulanmagyň ýokary medeniýetini kemala getirmek;

17) jemgyýetiň ruhy-ahlak, medeni we ylmy gymmatlyklaryny toplamak, goramak hem-de baýlaşdyrmak;

18) talyplaryň nazaryýet okuwlaryny Türkmenistanyň bank ulgamynyň düzüm birliklerinde önümçilik tejribelerini geçmek bilen utgaşdyrmak;

19) Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň öňdebaryjy bilim edaralary bilen hünär taýýarlygy boýunça hyzmatdaşlyk etmek bolup durýar.

2.3. Bank mekdebiniň işiniň esasy ýörelgeleri:

1) özüniň ukyplaryny we zehinini doly amala aşyrmagynda her bir adamyň hukuklarynyň deňligini üpjün etmek;

2) Bank mekdebinde berilýän bilimiň ynsanperwer häsiýetde bolmagyny, umumadamzat gymmatlyklarynyň, adamyň ömrüniň we saglygynyň, şahsyýetiň erkin ösmeginiň ileri tutulmagyny üpjün etmek;

3) Bank mekdebinde berilýän bilimiň Türkmenistanyň taryhy, türkmen halkynyň milli medeniýeti we däpleri bilen sazlaşykly arabaglanyşygyny saklamak;

4) talyplarda raýatlyk duýgusyny we watansöýüjiligi, zähmetsöýerligi, adam hukuklaryna we azatlyklaryna hormaty, maşgala, Watana, tebigy gurşawa bolan söýgini terbiýelemek;

5) mekdebiň her bir işgärini hem-de talybyny «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasyny», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy durmuş-ykydasdy taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny», bilim ulgamyna degişli resminamalary, «Bilim hakynda», «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryny durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşmagyny üpjün etmek;

6) Bank mekdebinde berilýän bilim hyzmatlarynyň ähli görnüşlerini her bir adama elýeterli etmek;

7) Bank mekdebinde berilýän bilimiň ylym we önümçilik bilen utgaşdyrylmagyny hem-de daşary ýurt döwletleriniň bilim ulgamlary bilen özara baglanyşdyrylmagyny gazanmak;

8) Bank mekdebiniň dünýewi häsiýetliligini we onuň dini guramalardan aýrylygyny üpjün etmek;

9) pedagogik işgärleriň, talyplaryň Bank mekdebini dolandyrmaga gatnaşmak hukugyny üpjün etmäge esaslanýan demokratik häsiýetliligini üpjün etmek;

10) Bank mekdebini ýokary hünär derejeli pedagogik işgärler bilen üpjün etmek bolup durýar.

## 3. Bank mekdebiniň ýerine ýetirýän işleriniň görnüşleri

3.1. Bank mekdebinde ýerine ýetirilýän esasy işler bilim bermek we işgärleri hünäre taýýarlamak bilen baglydyr, hususanda olaryň görnüşleri şulardan ybarat:

1) talyplara orta hünär bilimini bermek;

2) Türkmenistanyň bank ulgamynyň işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak we olary gaýtadan taýýarlamak;

3) beýleki toparlara goşulmadyk bilim hyzmatlary boýunça işler.

Şu bölümdäki bilim bermek we işgärleri hünäre taýýarlamak işlerini Bank mekdebi tölegli esasda ygtyýarnamasyz amala aşyrýar.

3.2. Şu Tertibiň 3.1. bölüminde görkezilenlerden başga-da, Bank mekdebinde goşmaça indiki işler we hyzmatlar ýerine ýetirilýär:

1) hususy gozgalmaýan emlägi kärendä bermek;

2) dynç alyşlary we göwün açyş çärelerini guramak;

3) fitnes-klublaryň işi;

4) fiziki rahatlygy üpjün etmek işi;

5) sport we dynç alyş üçin harytlary kireýine bermek;

6) hususy durmuşda ulanylýan önümleri we zatlary kireýine almak we bermek;

7) sport desgalarynyň ulanylyşy we dolandyrylyşy;

8) gaýry sport işleri;

9) restoranlaryň işi we taýýar iýmit bilen çalasyn, ykjam üpjün etmek hyzmaty;

10) iýmit bilen üpjün etmek boýunça bir gezeklik we beýleki hyzmatlar;

11) restoranlaryň beýleki hyzmatlary;

12) barlaryň hyzmaty;

13) ýaşamak üçin berilýän ýerlerdäki beýleki hyzmatlar;

14) beýleki harytlary ýöriteleşdirilmedik dükanlarda bölekleýin (ýekeleýin) satmak.

Görkezilen işleriň we hyzmatlaryň görnüşleri tölegli esasda hem-de ygtyýarlandyrylmaga degişli bolan halatynda - degişli ygtyýarnama bellenen tertipde alnandan soňra amala aşyrylýar.

3.3. Bank mekdebinde ýerine ýetirilýän işler we hyzmatlar üçin tölegleriň möçberi, şol sanda tölegleri geçirmegiň we bu töleglerden boşatmagyň şertleri Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda Bank mekdebi tarapyndan Türkmenistanyň Merkezi banky bilen ylalaşylyp kesgitlenýär.

3.5. Bank mekdebiniň tölegli işlerden alýan girdejileri onuň tertipnamalaýyn maksatlary üçin ulanylýar.

## 4. Bank mekdebi tarapyndan esaslandyryjy bilen ylalaşyp amala aşyrylýan ygtyýarlyklar

4.1. Bank mekdebi esasy wezipelerini ýerine ýetirmek üçin, Türkmenistanyň kanunçyylygyna we şu Tertipnama laýyklykda öz başlangyjy boýunça zerur bolan çözgütleri kabul etdýär hem-de hereketleri amala aşyrýar.

4.2. Bank mekdebi Türkmenistanyň Merkezi banky bilen ylalaşyp:

1) Bank mekdebiniň Tertipnamasynyň taslamasyny işläp taýýarlamaga, oňa üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmäge we ony tassyklamak üçin Türkmenistanyň Merkezi bankyna hödürlemäge;

2) Bank mekdebiniň guramaçylyk düzümini, hususanda işgärleriniň wezipe sanawyny işläp taýýarlamaga we tassyklamaga;

3) administratiw, pedagogik, inžener-tehniki, tehniki we beýleki işgärleri saýlap-seçip almaga hem-de işe kabul etmäge;

4) orta hünär biliminiň belli bir ugurdaky hünärleriniň okuw meýilnamalaryny resmileşdirmäge;

5) Türkmenistanyň bank ulgamynyň işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak we olary gaýtadan taýýarlamak boýunça okuw maslahatlaryň meýilnamalaryny resmileşdirmäge, geljegi bar bolan täze hünärler boýunça okatmagy amala aşyrmaga;

6) öz okaýan hünäri (ugry) boýunça okuw meýilnamasynda görkezilen dersleri göwnejaý özleşdiren we özüni jemgyýetde göreldeli alyp barýan talyplary, Bank mekdebiniň mugallymlar geňeşiniň teklibi boýunça Türkmenistanyň bank ulgamynda işlemek üçin işe ýollamak barada Türkmenistanyň Merkezi bankynyň öňünde towakga etmäge;

7) Bank mekdebi tarapyndan ýerine ýetirilýän işler we hyzmatlar üçin tölegleriň möçberi, şol sanda tölegleri geçirmegiň we bu töleglerden boşatmagyň şertlerini Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda kesgitlemäge;

8) öz gazanan peýdasyny içerki tertibe laýyklykda esaslyk, toplanyş, sarp ediş we ätiýaçlyk gaznalary döretmek üçin ulanmaga;

9) esaslandyryjy hökmünde ylmy-önümçilik, karz edaralaryny, maslahat beriş, auditor we beýleki kärhanalary döretmäge;

10) öz işiniň ugurlary boýunça dürli birleşiklere (assosiýasalara) girmäge we olary döretmäge ygtyýarlydyr.

## 5. Bank mekdebiniň öz ygtyýarlyklary we jogapkärçiligi

5.1. Bank mekdebiniň öz ygtyýarlyklaryna şular degişlidir:

1) Bank mekdebiniň işini düzgünleşdirýän içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryny we beýleki namalary işläp taýýarlamak hem-de tassyklamak;

2) Bank mekdebiniň guramaçylyk düzümine girýän bölümleriň, bölümçeleriň düzgünnamalaryny, işgärleriň wezipe borçlaryny işläp taýýarlamak we tassyklamak;

3) öz ähli işgärleriniň zähmetini guramagyň, zähmetine hak tölemegiň we olary zähmete höweslendirmegiň görnüşini kesgitlemek;

4) işgäriň iş düzgünine, zähmet şertlerine, hünärine, işiniň çylşyrymlylygyna, mukdaryna we hiline baglylykda ýerine ýetiren işi üçin zähmet hakyny, öwezini doluş, şeýle hem höweslendiriş häsiýetli töleglerini tölemek;

5) dalaşgärleri talyplyga kabul etmek, talyplara orta hünär bilimini bermek;

6) Türkmenistanyň bank ulgamynyň işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak we olary gaýtadan taýýarlamak;

7) ilata, kärhanalara, edaralara we guramalara beýleki tölegli bilim hyzmatlaryny etmek;

8) bilim bermek we işgärleri hünäre taýýarlamak bilen bagly okuw-terbiýeçilik işlerini guramak we amala aşyrmak, şol sanda ýetişigiň yzygiderli barlagyny amala aşyrmak, bilim maksatnamalarynyň özleşdirilişini bahalandyrmak;

9) sargytlar boýunça şertnamalaýyn nyrhlaryň esasynda bilim bermek we işgärleri hünäre taýýarlamak hakynda edara görnüşli we şahsy taraplar bilen göni şertnamalary baglaşmak;

10) Türkmenistanyň bank ulgamynyň işgärleri, Türkmenistanyň we daşary ýurt raýatlary üçin şu Tertibiň 3.2. bölüminde görkezilen hyzmatlary ýerine ýetirmek;

11) Türkmenistanyň kanunçylygy bilen gadagan edilmedik beýleki dürli görnüşdäki tölegli hyzmatlary etmek we edara görnüşli hem-de şahsy taraplaryň tölegli hyzmatlaryndan peýdalanmak;

12) okuw-tematiki meýilnamalary we okuw maksatnamalary özbaşdak işläp taýýarlamak, okuw edebiýatlaryny, usulyýet goldanmalaryny we beýleki okuw-usulyýet edebiýatlaryny neşire taýýarlamak, neşirýat-maglumatlaýyn işi bilen meşgullanmak;

13) okatmagyň we terbiýelemegiň öňdebaryjy görnüşlerini we usullaryny (tärlerini) gözlemek, ýüze çykarmak, öwrenmek hem-de olary okuw prosessine ornaşdyrmak;

14) ylmy-amaly maslahatlary, seminarlary we beýleki okuw-usulyýet, medeni we sport çäreleri guramak we geçirmek;

15) hünär-tehniki, orta hünär, pedagogik we beýleki bilim işleri boýunça halkara hyzmatdaşlygyny alyp barmak, şeýle hem halkara häsiýetli ylmy-amaly maslahatlary (simpoziumlary, seminarlary) guramak, daşary ýurtlaryň ýokary we orta hünär okuw mekdepleri, ylmy-barlag guramalary bilen göni aragatnaşygy saklamak;

16) Bank mekdebiniň ýaşaýyş-durmuş binýadyny döretmek we ulanmak;

17) okuw işlerini maddy-tehniki taýdan üpjün etmek we enjamlaşdyrmak, jaýlary abzallaşdyrmak;

18) maddy we maddy däl aktiwleri bellenen tertipde satyn almak, kabul etmek, balansdan balansa geçirmek, hasapdan öçürmek ýa-da satmak, alyş-çalyş etmek we beýleki geleşikler arkaly aýrybaşgalamak;

19) daşary ykdysady işi özbaşdak amala aşyrmak;

20) amala aşyrýan işlerinden, hyzmatlaryndan, enjamlary we binalary kärendesine bermekden gelýän serişdeleri hem-de beýleki gorlary hökmany tölegler geçirilenden soňra özüniň ygtyýarynda galdyrmak we olary ulanmak;

21) Türkmenistanyň bank ulgamynda milli we daşary ýurt pullarda hasaplary açmak;

22) şu Tertipnamada göz öňünde tutulmadyk, Türkmenistanyň kanunçylygy bilen gadagan edilmedik beýleki işleri amala aşyrmak.

5.2. Bank mekdebi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda esaslandyryjyň öňünde indikilere jogapkärçilik çekýär:

-şu Tertipnamada beýan edilen wezipeleri göwnejaý ýerine ýetirmedik ýagdaýynda;

-okuw meýilnamalary we maksatnamalary doly möçberde ýa-da degişli derejede ýerine ýetirmedik ýagdaýynda;

-Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda.

## II. BANK MEKDEBINDE BILIM BERMEK WE IŞGÄRLERI HÜNÄRE TAÝÝARLAMAK IŞINIŇ UMUMY KADALARY

### 6. Bank mekdebinde okaýanlar

6.1. Bank mekdebinde okaýanlara talyplar, diňleýjiler we beýlekiler degişlidir.

Bellenen tertipde Bank mekdebiniň direktorynyň buýrugy bilen orta hünär biliminiň bilim maksatnamalary boýunça okuwa kabul edilen adam - ***talyp***, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň we olary gaýtadan taýýarlamagyň bilim maksatnamalary boýunça okuwa kabul edilen adam - ***diňleýji*** hasaplanylýar.

Talyba talyp şahadatnamasy we hasap-synag depderçesi berilýär.

6.2. Talyp Bank mekdebiniň bilim maksatnamasyna laýyklykda, saýlan käri (hünäri) boýunça tölegli esasda orta hünär bilimini alýar.

Talybyň hukuklary, borçlary we durmuş taýdan goldanylmagy «Bilim hakynda», «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary, «Döwlet hünär bilim edaralary hakyndaky düzgünnamalary tassyklamak barada» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda çykaran 2487-nji karary bilen tassyklan «Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnama», şu Tertipnama, şeýle-de Orta hünär tölegli bilim bermek hyzmatlary barada şertnama bilen kesgitlenilýär.

6.3. Diňleýji Bank mekdebinde işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň hem-de olary gaýtadan taýýarlamagyň maksatnamalarynyň talaplary bilen kesgitlenýän okatmagyň görnüşinde şertnamalaýyn esasda hünär derejesini ýokarlandyrýar we gaýtadan taýýarlanýar.

6.4. Bank mekdebinde okaýanlary jemgyýetçilik, jemgyýetçilik-syýasy birleşiklere, hereketlere we partiýalara girmäge mejbur etmäge, şeýle hem olary bu birleşikleriň işine we wagyz etmek çärelerine hem-de syýasy hereketlere mejbury çekmäge ýol berilmeýär.

### 7. Bank mekdebinde okatmagyň we terbiýelemegiň dilleri

7.1. Bank mekdebinde okatmagyň dilleri «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda kesgitlenýär.

7.2. Türkmen dili döwlet dili hökmünde, Bank mekdebinde okatmagyň we terbiýelemegiň esasy dilidir. Bilim maksatnamalarynyň maksadyndan we okuw işiniň aýratynlygyndan ugur alnyp, Bank mekdebinde okatmagyň esasy dili hökmünde daşary ýurt dili (dilleri) ulanylyp bilner.

7.3. Daşary ýurt dillerini öwrenmek Bank mekdebinde orta hünär biliminiň maksatnamalaryna hökmany ders hökmünde girizilýär.

7.4. Okatmagyň esasy dili degişli daşary ýurt dili (dilleri) bolan ýagdaýlarda, Bank mekdebinde Türkmenistanyň döwlet dili bilim maksatnamasynyň Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan kesgitlenilýän milli bölegine girýän okuw derslerini okatmakda ulanylýar.

## 8. Bank mekdebinde bilim tehnologiýalaryň ulanylmagy

8.1. Bank mekdebi bilim işini guranynda, bilim bermegiň adaty usulyýetleri bilen bir hatarda, bilim tehnologiýalaryny, şol sanda okaýanlaryň we pedagogik işgärleriň özara gatnaşyklaryna esaslanýan tehnologiýalary, elektron okuwy hem-de uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanýar.

8.2. Elektron okuw arkaly bilim maksatnamasyny durmuşa geçirmek aşakdakylara esaslanýar:

1) maglumatlar binýadynda saklanýan we bilim maksatnamalary durmuşa geçirilende ulanylýan maglumata;

2) maglumatlaryň gaýtadan işlenilmegini üpjün edýän maglumat tehnologiýalaryna we tehniki serişdelere;

3) görkezilen maglumatyň aragatnaşyk ýollary arkaly geçirilmegini hem-de talyplaryň we pedagogik işgärleriň arasynda zerur bolan (talap edilýän) özara gatnaşyklary üpjün edýän maglumat-telekommunikasiýa ulgamlaryna.

Elektron okuw arkaly bilim maksatnamasy durmuşa geçirilende, Bank mekdebi okaýanlara, pedagogik işgärlere, okuw-kömekçi işgärlere we dolandyryş işgärlerine aşakdakylary öz içine alýan elektron okuw-usulyýet toplumynyň elýeterli bolmagyny üpjün edýär:

1) bilim maksatnamasynyň okuw meýilnamasyny;

2) okaýanyň özbaşdak okuw meýilnamasyny;

3) dersleriň (tapgyrlaryň, modullaryň, okuwlaryň) okuw maksatnamalaryny;

4) elektron görnüşde elýeterli bolan we dersiň (tapgyryň. modulyň, okuwyň) okuw maksatnamasyna laýyklykda, işleriň ähli görnüşlerini üpjün edýän bilim maglumatlarynyň toplumyny;

5) maglumatyň özleşdirilişiniň hiline gözegçiligi amala aşyrmak üçin serişdeleri;

6) dersiň (tapgyryň, modulyň, okuwyň) okuw maksatnamasyny öwrenmek boýunça okaýanlara usuly maslahatlary.

8.3. Uzak aralykdan talyplaryň we pedagogik işgärleriň özara gatnaşyklaryny üpjün edýän maglumat-telekommunikasiýa torlaryny ulanmak arkaly bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň we okuw işini guramagyň gurallary (mundan beýläk - *uzak aralykly bilim tehnologiýalary*) ulanylyp, bilim maksatnamalary durmuşa geçirilende we okuw işi guralanda, Bank mekdebi okaýanlara aşakdakylaryň elýeterliligini üpjün edýär:

1) elektron okuw - usulyýet toplumynyň;

2) maglumat - kommunikasiýa tehnologiýalarynyň we maglumat - telekommunikasiýa torlarynyň toplumynyň;

3) degişli tehnologik serişdeleriň.

8.4. Bank mekdebinde elektron okuwy we uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly okatmaga başlamak üçin bolmagy hökmany şert hasaplanýan aşakdaky görkezilenleriň binýadynda amala aşyrylýar:

1) her bir bilim maksatnamasy boýunça okuw meýilnamalaryndaky dersleriň (tapgyrlaryň, modullaryň, okuwlaryň) okuw maksatnamalarynyň ählisi boýunça elektron okuw-usulyýet toplumlarynyň;

2) elektron kitaphananyň;

3) maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň;

4) maglumat-telekommunikasiýa torlarynyň;

5) tehnologik serişdeleriň.

## III. BANK MEKDEBINDE ORTA HÜNÄR BILIM BERMEK IŞININ ÝÖREDILIŞI

### 9. Bank mekdebine talyplyga kabul etmegiň kadalary

9.1. Bank mekdebinde orta hünär bilimi derejesiniň bilim maksatnamasy boýunça okatmak umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda amala aşyrylýar.

9.2. Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan daşary ýurt döwletleriniň raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň Bank mekdebinde bilim almagy «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna we halkara şertnamalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

9.3. Bank mekdebinde orta hünär biliminiň bilim maksatnamalary boýunça okuwlar okatmagyň gündizki, gündizki-gaýybana we gaýybana görnüşlerinde geçirilýär.

Bank mekdebinde orta hünär biliminiň bilim maksatnamalary boýunça okatmagyň gündizki-gaýybana we gaýybana görnüşlerine talyplyga kabul etmek raýatyň Bank mekdebinde saýlan hünärine degişli bolan iş ýerinde ýa-da wezipede iki ýyldan az bolmadyk iş döwrüniň we onuň iş berijisiniň hödürnamasynyň bolan şertinde amala aşyrylýar.

9.4. Bank mekdebine okuwa kabul etmegiň möhleti, giriş synaglarynyň geçiriljek ýerleri, şeýle hem Bank mekdebine kabul etmegiň meýilnamasy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýar.

9.5. Giriş synaglarynyň geçirilýän we orta hünär okuw mekdeplerine kabul edilýän döwründe Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýan okuwa kabul etmek boýunça Döwlet topary döredilýär.

Bank mekdebine okuwa kabul etmek boýunça Döwlet toparynyň düzümine Türkmenistanyň Merkezi bankynyň wekili girizilýär.

9.6. Bank mekdebine okuwa girýän dalaşgärleriň resminamalaryny kabul etmegiň möhletleri, giriş synaglarynyň guralyşynyň, Bank mekdebine seçip almagyň we kabul etmegiň tertibi hem-de beýleki şertler okuwa kabul etmek boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli Orunbasary tarapyndan tassyklanan tertibe laýyklykda kesgitlenýär.

9.7. Bank mekdebine okuwa kabul edilýän döwürde arza-şikaýatlara seredýän topar döredilýär. Toparyň düzümi, ygtyýarlylygy we işi okuwa kabul etmek boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli Orunbasary tarapyndan tassyklanan tertibe laýyklykda kesgitlenýär.

9.8. Bank mekdebine okuwa kabul etmek dalaşgärleriň arzasy boýunça giriş synaglarynyň netijelerine görä, bäsleşik esasynda amala aşyrylýar. Bäsleşigiň şertleri adamyň bilim almaga bolan hukuklarynyň döwlet kepillikleriniň berjaý edilmegini we

adamlaryň arasyndan degişli hünär biliminiň maksatnamasyny özleşdirmäge has ukyply hem-de taýýarlykly bolanlarynyň kabul edilmegini üpjün etmäge gönükdirilýär.

9.9. Türkmenistanyň umumybilim edaralarynyň altyn, kümüş, bürünç medallar bilen sylaglanan uçurymlary Bank mekdebine ders bäsleşikleriniň ugry boýunça giriş synaglaryna gatnaşmazdan kabul edilýär.

9.10. Şu aşakdakylar giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, orta hünär okuw mekdeplerine bäsleşiksiz kabul edilýär:

1) ýetim çagalar we ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň howandarlygyndan galan çagalar;

2) maýyplygy bolan çagalar, Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparyň netijenamasyna laýyklykda, Bank mekdebinde okamagyna rugsat edilen I we II topar maýyplygy bolan adamlar;

3) harby we hukuk goraýjy edaralaryň gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän wagty wepat bolan harby gullukçylarynyň (işgärleriniň) çagalary;

4) köp çagaly (sekiz çagadan az bolmadyk) maşgalalardan bolan çagalar.

9.11. Şu aşakdakylar giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda Bank mekdebine kabul edilende artykmaç hukuklardan peýdalanýarlar:

1) okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklerine gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary;

2) III topar maýyplygy bolan adamlar;

3) çagyryş boýunça harby gullugy geçen adamlar;

4) saýlan taýýarlygynyň ugry (hünäri) boýunça iki ýyldan az bolmadyk iş döwri bolan adamlar.

9.12. Bank mekdebine Türkmenistanyň az ilatly, barmasy kyn we uzakda ýerleşýän ilatly ýerlerde ýaşaýan raýatlarynyň hataryndan okuwa kabul etmek maksatlaýyn taýýarlamak esasynda amala aşyrylyp bilner. Degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary, ykdysadyýetiň döwlete dahylly bolmadyk böleginiň kärhanalary we guramalary maksatlaýyn taýýarlygyň sargytçylary hökmünde çykyş edip bilerler.

Maksatlaýyn taýýarlamak, Türkmenistanyň raýaty we onuň ata-enesi ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar, sargytçy, Bank mekdebi, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasy onuň taraplary bolup durýan şertnama bilen resmileşdirilýär.

Şertnamada aşakdakylar hökmany suratda göz öňünde tutulýar:

1) talyp hakyny goşmak bilen, okuwy maliýeleşdirmegiň şertleri;

2) bilim edarasyny tamamlandan soňra, Türkmenistanyň raýatynyň şertnamada kesgitlenen möhletiň dowamynda degişli önümçilikde işlemek baradaky borçnamasy;

3) şertnamanyň şertleriniň, şol sanda maliýe şertleriniň ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda taraplaryň jogapkärçiligi.

9.13. Bank mekdebi raýaty okuwa kabul edende ony we (ýa-da) onuň ata-enesini ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlary bilim edarasynyň tertipnamasy, bilim işini alyp barmaga we degişli bilim hakynda döwlet nusgasyndaky resminamany bermäge hukuk berýän rugsat beriji resminamalar, Bank mekdebi tarapyndan durmuşa geçirilýän bilim maksatnamalary we bilim işini guramagy düzgünleşdirýän beýleki resminamalar bilen, şol sanda Bank mekdebiniň Internet torundaky resmi saýtynyň üsti bilen tanyşdyrýar.

## 10. Bank mekdebinde orta hünär okuw işleriniň mazmuny we guralyşy

10.1. Bank mekdebinde orta hünär bilimi derejesiniň bilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň kadalyk ölçeg möhleti öwrenilýän hünäre we okatmagyň görnüşine baglylykda, iki okuw ýylyndan dört okuw ýylyna çenli möhleti öz içine alyp biler. Okuwyň anyk möhleti Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan degişli hünäriň okuw meýilnamasy bilen kesgitlenilýär.

10.2. Bank mekdebini üstünlikli tamamlandygy hakyndaky resminama onuň eýesine degişli hünär işini amala aşyrmaga, Türkmenistanyň ýokary hünär bilimi edaralaryna okuwa girmäge, şeýle hem resminamasynda görkezilen hünäre laýyk gelýän (ugurdaş) hünär (taýýarlygyň ugry) boýunça Türkmenistanyň ýokary hünär bilimi edaralarynda okatmagyň gysgaldylan görnüşi boýunça okuwyny dowam etmäge mümkinçilik berýär.

10.3. Bank mekdebinde bilim işiniň guralyşy Türkmenistanyň Merkezi banky hem-de Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli Orunbasary tarapyndan tassyklanýan, orta hünär bilimi baradaky döwlet bilim standartlaryna esaslanýan hünärler boýunça okuw meýilnamalary, ýyllyk senenamalaýyn okuw çyzgydy we okuw sapaklarynyň tertibi bilen düzgünleşdirilýär.

10.4. Bank mekdebiniň ykdysady, önümçilik we hünär tejribeligi Türkmenistanyň bank ulgamynyň birliklerinde geçirilýär.

10.5. Bank mekdebinde okatmagyň gündizki (gündizki, önümçilikden aýrylmak şertinde), gündizki-gaýybana (okuwyň iş wagtyndan başga wagtlarda okalmagy bilen, önümçilikden aýrylmazlyk şertinde) we gaýybana (önümçilikden aýrylmazlyk şertinde) görnüşleri ulanylýar.

Okatmagyň gündizki-gaýybana we gaýybana görnüşleri göz öňünde tutulmaýan taýýarlygyň ugurlarynyň we hünärleriň sanawlary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

10.6. Bank mekdebinde berilýän orta hünär biliminiň bilim maksatnamalary boýunça hünärler Türkmenistanyň orta hünär biliminiň hünärleriniň Döwlet klassifikatory bilen ýa-da Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýär.

10.7. Bank mekdebinde okuw ýyly 1-nji sentýabrdan başlanýar. Okuw ýyly iki ýarymýyllykdan ybarat bolup, olaryň hersi hünäriň okuw meýilnamasyna laýyklykda hasap-synag möwsümi bilen tamamlanýar.

10.8. Okuw ýylynda talyplara 2 gezek, jemi 40 günden az bolmadyk dowamlylykda dynç alyş berilýär. Dynç alşyň takyk möhleti we dowamlylygy, hünär taýýarlygynyň degişli ugrunyň aýratynlygyna baglylykda, okuw meýilnamasyna görä kesgitlenýär.

10.9. Bank mekdebiniň okuw sapaklarynyň tertibi talyplaryň naharlanmagy üçin ýeterlik dowamlylykda arakesme wagtyny göz öňünde tutýar. Okuw sapaklarynyň we arakesmeleriň takyk dowamlylygyny Türkmenistanyň Bilim ministrligi kesgitleýär.

Bank mekdebi naharlanmagy guramak üçin şertleri döretmegi öz üstüne ýükleýär. Bank mekdebinde okaýanlaryň naharlanmagy üçin ýörite jaý göz öňünde tutulýar.

10.10. Bank mekdebinde okaýanlaryň lukmançylyk hyzmatyny wezipe sanawyna laýyklykda işe kabul edilen saglygy goraýyş işgärler ýa-da saglygy goraýyş edaralary

üpjün edýärler. Bank mekdebinde saglygy goraýyş işgärleriniň işlemegi üçin degişli şertleri bolan lukmançylyk otagy göz öňünde tutulýar.

## 11. Bank mekdebinde orta hünär bilim maksatnamalary özleşdirmegiň hil taýdan bahalandyrylyşy

11.1. Bank mekdebi bilim maksatnamalarynyň özleşdiriliş hilini talyplaryň okuwa ýetişiginiň aralyk jemlemesini geçirmek, gyşky we tomusky hasap-synaglaryny hem-de jemleýji döwlet synaglaryny geçirmek ýoly bilen kesgitleýär.

11.2. Bank mekdebi okuw işiniň dowamynda Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan işlenip düzülýän bahalar ulgamyny we talyplaryň synaglarynyň görnüşlerini peýdalanýar.

Talyplaryň bilimi adatça (ýöne munuň bilen çäklenmeýän) 5 (bäşlik), 4 (dörtlük), 3 (üçlük), 2 (ikilik) bahalar bilen kesgitlenýär. Bahalar synagda ýa-da talyplaryň okuw işlerine yzygiderli gözegçiligiň netijeleri boýunça goýulýar. Dersleriň görnüşleri boýunça hil bahasynda, ýagny: «hasap» ýa-da «hasap däl» görnüşinde hem bahalandyrylýar.

Synaglary we hasaplary geçirmegiň seneleri okuw bölüminiň müdiri bilen ylalaşylyp, Bank mekdebiniň direktory tarapyndan tassyklanýar.

Synagda ýa-da hasapda kanagatlanarsyz baha alan talyba okuw bölüminiň kesgitlän senesinde we onuň bellenen tertipde ýüz tutmasy esasynda synagy ýa-da hasaby gaýtadan tabşyrmaga Bank mekdebiniň direktory hukuk berip biler.

11.3. Synaglary we hasaplary üstünlikli tabşyran talyplar bir okuw ýylyndan indiki okuw ýylyna okuw bölüminiň müdiriniň hödürlemegi boýunça Bank mekdebiniň direktorynyň buýrugy bilen geçirilýär.

Gyşky synag we hasap möwsüminiň netijeleri boýunça ýetişmeýän talyplara öz okuw bergilerini aradan aýyrmak üçin möwsümiň tamamlanan gününden başlap, bir aýdan köp bolmadyk möhletde mümkinçilik berilýär. Eger-de şol möhletde olar öz okuw bergilerini üstünlikli aradan aýyrmadyk ýagdaýynda olar talyplaryň hataryndan we Bank mekdebinden çykarylmaga degişli edilýär.

Tomusky synag we hasap möwsüminiň netijeleri boýunça ýetişmeýän talyplara öz okuw bergilerini aradan aýyrmak üçin möwsümiň tamamlanan gününden başlap, bir aýdan köp bolmadyk möhletde, emma indiki okuw ýyly başlanýança mümkinçilik berilýär. Eger-de şol möhletde olar öz okuw bergilerini üstünlikli aradan aýyrmadyk ýagdaýynda olar talyplaryň hataryndan we Bank mekdebinden çykarylmaga degişli edilýär. Şunda, talyby bir okuw ýylyndan indiki okuw ýylyna şertli geçirmäge rugsat berilmeýär.

11.4. Bank mekdebinde jemleýji döwlet synaglary hökmany bolup, ol okuw meýilnamasy doly özleşdirilenden soň geçirilýär. Türkmenistanyň orta hünär okuw mekdeplerinde jemleýji döwlet synagy hakynda Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanýan düzgünnama laýyklykda, Bank mekdebini tamamlaýanlaryň biliminiň jemleýji bahalandyrylyşy hökmünde Döwlet synag toparynyň netijesi ulanylýar.

11.5. Bank mekdebi jemleýji döwlet synaglaryndan üstünlikli geçen uçurymlara degişli bilimi alandyklaryny kepillendirýän we möhür bilen tassyklanýan döwlet nusgasyndaky resminamany berýär. Bilim hakynda resminamalaryň berilmegi üçin töleg alynmaýar.

11.6. Bilim hakynda resminamalar Türkmenistanyň döwlet dilinde ýa-da Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan bellenen tertipde Türkmenistanyň döwlet dilinde we daşary ýurt dilinde resmileşdirilýär.

11.7. Bilimiň anyk derejesini tamamlamadyk, jemleýji döwlet synagyna gatnaşmadyk ýa-da jemleýji döwlet synagynda kanagatlanarsyz netijeleri görkezenlere Bank mekdebinde okandygy hakynda Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan bellenen nusgadaky kepilnama berilýär.

Jemleýji döwlet synaglaryna gatnaşmadyklar ýa-da jemleýji döwlet synaglarynda kanagatlanarsyz netijeleri görkezenler bir ýyldan az bolmadyk möhletden soňra jemleýji döwlet synaglaryny gaýtadan tabşyrmaga haklydyrlar.

11.8. Bank mekdebiniň uçurymyna we Bank mekdebini tamamlaman okuwdan çykýan talyba onuň şahsy bukjasyndan okuwa kabul edilende tabşyran bilimi hakyndaky resminamasy gaýtarylyp berilýär. Resminamanyň tassyklanan göçürmesi we beýleki resminamalar (okuwa kabul edilendigi, okuwy gutarandygy ýa-da okuwdan çykarylandygy baradaky buýruklardan göçürme, hasap-synag depderçesi, talyp şahadatnamasy we beýlekiler) şahsy bukjada saklanmak üçin galdyrylýar.

11.9. Bank mekdebiniň uçurymlaryna diplom gowşurylanda, düzgünnamasy we ýazgysy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan degişli döşe dakylýan nyşan berilýär. Bank mekdebiniň uçurymyna berilýän döşe dakylýan nyşanyň bahasynyň tölegi uçurym tarapyndan Bank mekdebiniň buhgalteriýasyna tölenilýär.

## 12. Bank mekdebinde terbiýeçilik işleriniň mazmuny we guralyşy

12.1. Bank mekdebinde terbiýeçilik işleri Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, «Bilim hakynda», «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda», «Bedenterbiýe we sport hakynda», «Medeniýet hakynda», «Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda», «Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň, Maşgala kodeksiniň kadalaryna, şeýle hem Bank mekdebinde bu babatda göz öňünde tutulan çäreleriň meýilnamasyna laýyklykda geçirilýär.

12.2. Bank mekdebinde talyplary terbiýelemegiň baş maksady ösüp gelýän ýaş nesilde durmuş ähmiýetli iň möhüm raýatlyk häsiýetlerini we olary adamyň, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine döredijilikli işde ýüze çykarmak ukyplaryny kemala getirmekden we ösdürmekden ybaratdyr.

12.3. Talyplary terbiýelemegiň esasy ugurlaryna aşakdakylar degişlidir:

1) ruhy-ahlak terbiýesi;

2) raýat-watançylyk terbiýesi;

3) harby-watançylyk terbiýesi;

4) durmuş terbiýesi;

5) medeni-taryhy terbiýe;

6) sagdyn durmuş ýörelgesiniň terbiýesi.

12.4. Bank mekdebi talyplarda milli taryhyň, medeniýetiň we däp-dessurlaryň esaslaryna ýugrulan düýpli ahlak ýörelgeleri hem-de umumy medeniýeti, şeýle hem sagdyn durmuş endiklerini terbiýelemek boýunça zerur şertleri döredýär.

12.5. Bank mekdebinde talyplaryň lybasy we daşky görnüşiniň görkezijileri olaryň Bank mekdebine bolan hormatyna ýardam etmelidir, resmilik, sabyrlylyk we däbe eýermeklik bilen tapawutlandyrylýan umumy kabul edilen iş sypatyna laýyk gelmelidir.

Talyplaryň lybasynyň we daşky görnüşiniň anyk görkezijilerine bildirilýän talaplary Bank mekdebi özbaşdak kesgitleýär.

12.6. Talyplaryň terbiýeçilik işi amala aşyrylanda pedagogik işgärler aşakdakylara borçludyrlar:

1) terbiýeçilik işini ussatlyk derejesinde amala aşyrmaga;

2) talyplaryň arasynda hukuk bozulmalaryny duýdurmak boýunça öňüni alyş işlerini alyp barmaga;

3) talyplaryň ýol berýän düzgün bozmalary barada olaryň ata-enelerine ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlara öz wagtynda habar bermäge;

4) talyplaryň, ata-eneleriň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň abraýyna we mertebesine hormat goýmaga;

5) ruhy, ahlak we estetik taýdan özüni alyp barmakda we daşky keşbi bilen okaýanlara görelde bolmaga.

12.7. Talyplaryň terbiýeçilik işi amala aşyrylanda pedagogik işgärleriň aşakdakylara hukuklary bardyr:

1) öz hukuklaryny, kanuny bähbitlerini, abraýyny we mertebesini goramaga;

2) döredijilik başlangyçlaryna, terbiýelemegiň pedagogika taýdan esaslandyrylan görnüşlerini we usullaryny erkin saýlamaga.

## IV. BANK IŞGÄRLERIŇ HÜNÄR DEREJESINI ÝOKARLANDYRMAK WE OLARY GAÝTADAN TAÝÝARLAMAK IŞINIŇ ÝÖREDILIŞI

### 13. Bank işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň we olaryň gaýtadan taýýarlamagyň maksady

13.1. Bank işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak we olary gaýtadan taýýarlamak hünär bilimlerini we endiklerini çuňlaşdyrmak, ylym we tehnologiýalar babatda häzirkizaman gazanylanlary, şeýle hem halkara tejribesini göz öňünde tutup, hünär bilimlerini täzelemek, täze işçi hünärlerini, hünärleri we hünär derejelerini ele almak we olaryň hünär işiniň hem-de durmuş gurşawynyň üýtgäp durýan şertlerine laýyklygyny üpjün etmek maksady bilen amala aşyrylýar.

13.2. Bank işgärleriň hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagy hünär işi üçin zerur bolan täze ygtyýarlylygyň kämilleşdirilmegine we (ýa-da) alynmagyna we (ýa-da) bar bolan hünär derejesiniň çäklerinde hünär derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

13.3. Bank işgärleri gaýtadan taýýarlamak hünär işiniň täze görnüşini ýerine ýetirmek üçin zerur bolan ygtyýarlylygyň, täze hünär derejesiniň alynmagyna gönükdirilendir.

### 14. Bank işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň we olary gaýtadan taýýarlamagyň mazmuny

14.1. Bank işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň we olary gaýtadan taýýarlamagyň mazmuny Bank mekdebi tarapyndan işlenip düzülýän we özleriniň başlangyjy boýunça işgärleriň hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagy we gaýtadan taýýarlanylmagy amala aşyrylýan Türkmenistanyň bank ulgamynyň zerurlyklaryny göz öňünde tutup, bilim babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ygtyýarly edarasy tarapyndan tassyklanylýan bilim maksatnamasy bilen kesgitlenilýär.

14.2. Bank işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň we olary gaýtadan taýýarlamagyň bilim maksatnamalarynyň mazmuny şulary göz öňünde tutýar:

1) degişli wezipeler, işçi hünärleri we hünärler boýunça tarif-hünär maglumatnamalarynda görkezilen hünär derejeleri boýunça talaplary;

2) Türkmenistanyň döwlet gullugy hakynda kanunçylygyna we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda bellenilýän, wezipe borçlaryny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan hünär bilimlerine we endiklerine bildirilýän hünär derejeleri boýunça talaplary.

14.3. Bank işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň we olary gaýtadan taýýarlamagyň bilim maksatnamalary boýunça okatmak birwagtlaýyn, üznüksiz ýa-da tapgyrlaýyn geçmek arkaly amala aşyrylýar.

14.4. Bank işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň we olary gaýtadan taýýarlamagyň bilim maksatnamalary boýunça okatmagyň görnüşleri we olary özleşdirmegiň möhletleri bilim maksatnamasynda we (ýa-da) bilim hakynda şertnamada kesgitlenilýär.

### 15. Bank işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň we olary gaýtadan taýýarlamagyň bilim maksatnamalaryny özleşdirilişiniň bahalandyrylyşy

15.1. Bank işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň we olary gaýtadan taýýarlamagyň bilim maksatnamalarynyň özleşdirilmegi Bank mekdebi tarapyndan özbaşdak kesgitlenilýän görnüşde okaýanlaryň jemleýji synagy bilen tamamlanýar.

15.2. Bank işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň we olary gaýtadan taýýarlamagyň degişli bilim maksatnamalaryny üstünlikli özleşdiren hem-de jemleýji synagdan geçen adamlara hünär derejesiniň ýokarlandyrylandygy we (ýa-da) hünär taýdan gaýtadan taýýarlanylandygy hakynda resminama berilýär.

15.3. Bank işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagy we olary gaýtadan taýýarlamagy guramagyň we geçirmegiň meseleleri Türkmenistanyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

## V. BANK MEKDEBINIŇ DOLANDYRYLYŞY

### 16. Bank mekdebiniň dolandyryş düzümi

16.1. Bank mekdebiniň dolandyrylyşy Türkmenistanyň kanunçylygynyň esasynda onuň tertipnamasyna laýyklykda, ýeke-täk ýolbaşçylyk we köpçülikleýin dolandyryş ýörelgeleri esasynda amala aşyrylýar.

Bank mekdebini gönüden-göni dolandyrmagy onuň direktory amala aşyrýar. Direktoryň ýok wagtynda, onuň wezipelerini direktoryň okuw-terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary ýerine ýetirýär.

Direktor Bank mekdebiniň adyndan hereket edýär, ähli edaralarda, kärhanalarda, guramalarda onuň adyndan wekilçilik edýär, Bank mekdebiniň emlägine, şol sanda maliýe serişdelerine ygtyýarlyk edýär, islendik şertnamalaýyn gatnaşyklary ýola goýýar, ynanç hatlaryny berýär, bank hasaplaryny açýar.

16.2. Bank mekdebiniň direktory ussat, abraýly işgärlerden teklip edilýär we Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Merkezi

bankynyň Müdiriýetiniň başlygy tarapyndan wezipä bellenýär hem-de wezipeden boşadylýar.

Bank mekdebiniň direktory Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, Bank mekdebiniň işgärleriniň wezipe borçlaryny kesgitleýär.

Bank mekdebiniň direktory tarapyndan tassyklanýan wezipe borçlarynda eýeleýän wezipelerine laýyklykda ähli derejedäki işgärleriň hukuklary, borçlary we jogapkärçiligi beýan edilýär.

16.3. Bank mekdebiniň işgärleri, hususanda gurluş birlikleriniň ýolbaşçylary Türkmenistanyň Merkezi banky bilen ylalaşylyp, Bank mekdebiniň direktory tarapyndan wezipä bellenýär we wezipeden boşadylýar.

16.4. Bank mekdebiniň bilim bermek we işgärleri hünäre taýýarlamak bilen bagly okuw meselelerine mugallymlaryň maslahatynda (pedagogiki geňeşinde) seredilýär. Ol aýda azyndan bir gezek geçirilýär.

16.5. Bilim bermek we işgärleri hünäre taýýarlamak bilen bagly okuwyň usuly taraplaryny kadalaşdyrmak üçin Okuw-usulyýet geňeş döredilýär. Okuw-usulyýet geňeşiniň düzümi we ygtyýarlyklary Bank mekdebiniň direktory tarapyndan tassyklanylýan Düzgünnama bilen kesgitlenilýär.

16.6. Bank mekdebinde işgärleriň wezipe sanawynyň dolandyryş düzümde direktoryň okuw-terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary wezipesi göz öňünde tutulýar. Direktoryň okuw-terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygy tarapyndan wezipä bellenýär we wezipeden boşadylýar. Direktoryň okuw-terbiýeçilik işleri boýunça orunbasaryna ýüklenýän wezipe borçlar Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenýär.

16.7. Bank mekdebinde işgärleriň wezipe sanawynyň çäklerinde (ýöne munuň bilen çäklenmeýän) Okuw bölümi, Hünärler boýunça bölümi, şeýle-de Hünäri ýokarlandyrmak we gaýtadan taýýarlamak bölümi göz öňünde tutulýar. Bank mekdebinde okuw-terbiýeçilik işlere Okuw bölümiň müdiri ýolbaşçylyk edýär hem-de ol işleriň netijelerine jogapkärçilik çekýär. Okuw bölümiň müdiri öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde bu bölümiň ähli işgärleri we talyplar üçin hökmany bolan görkezmeleri berýär.

16.8. Bank mekdebinde döredilýän jemgyýetçilik we beýleki guramalar öz işlerini şu Tertipnamada we şol guramalaryň tertipnamalarynda kesgitlenen maksatlara we wezipelere laýyklykda alyp barýarlar.

Bank mekdebinde kärdeşler arkalaşygy, partiýa guramalary, talyplaryň tertip-düzgün guramasy, şeýle-de Bank mekdebiniň ýolbaşçylarynyň razylygy bilen sport kluby, umumy ýaşaýyş jaýlaryndaky talyplaryň öz-özüni dolandyryş geňeşi we gyzyklanmalary boýunça olary birleşdirýän beýleki jemgyýetçilik birleşmeleri döredilip bilner.

16.9. Bank mekdebi okuw-terbiýeçilik, okuw-usulyýet we ylmy-barlag işlerini we hasabatlary Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň kadalaşdyryjy namalaryna laýyklykda alyp barýar.

## 17. Bank mekdebinde zähmetkeşler köpçüliginiň dolandyrylyşy

17.1. Bank mekdebi bilen işgärleriň arasyndaky zähmet gatnaşyklary Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

17.2. Bank mekdebiniň zähmetkeşler köpçüligi (işgärler kollektiwi) administratiw işgärlerinden, pedagogik işgärlerinden, inžener-tehniki, tehniki we beýleki işgärlerden ybaratdyr.

17.3. Bank mekdebiniň zähmetkeşler köpçüligini dolandyrmak babatda direktor şu aşakdaky ygtyýarlyklara eýedir:

1) köpçülikleýin gepleşikleri geçirmäge, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda bellenilen tertipde köpçülikleýin şertnamalary (ylalaşyklary) baglaşmaga;

2) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda bellenilen tertipde işgärleri işe kabul etmäge we işden çykarmaga, işgärler bilen zähmet şertnamalaryny baglaşmaga, olary üýtgetmäge we ýatyrmaga;

3) işe kabul edende işgärden belli bir zähmet işi (iş, gulluk) bilen meşgullanmaga bolan we (ýa-da) belli bir wezipäni eýelemek hukugyny we mümkinçiligini tassyklaýan resminamalaryň berilmegini talap etmäge;

4) zähmet şertnamasy baglaşylanda işgäre synag möhletini bellemäge;

5) öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ýerine ýetiriş we serenjam berijilik häsiýetli namalary çykarmaga;

6) zähmet şertnamasynyň şertleriniň we Bank mekdebiniň içerki zähmet düzgün-tertip kadalarynyň ýerine ýetirilmegini, şeýle hem Bank mekdebiniň emlägine, şol sanda, eger Bank mekdebi özünde saklanýan üçünji taraplaryň emläginiň abat saklanmagyna jogapkärçilik çekýän bolsa, bu emlägiň saklanmagyna aýawly garalmagyny işgärlerden talap etmäge;

7) işgärleri höweslendirmäge;

8) işgärleri döwlet sylaglary bilen sylaglanmaklyga hödürlemäge, olary saýlawly edaralara hödürlemäge;

9) Türkmenistanyň zähmet we gaýry kanunçylyk namalarynda bellenilen tertipde işgärleri düzgün-nyzam we maddy jogapkärçilige çekmäge;

10) işgäriň zähmet düzgün-nyzamyny bozanlygy hakyndaky meseläni zähmetkeşler köpçüliginiň garamagyna çykarmaga;

11) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan beýleki hukuklardan peýdalanmaga.

## 18. Bank mekdebi bilen pedagogik işgärleriň zähmet gatnaşyklary

18.1. Bank mekdebinde orta hünär biliminiň maksatnamalaryny durmuşa geçirmek üçin, pedagogik işgärleriň hünär derejesiniň aşakdaky iň pes derejesi bellenilýär:

hünär dersleri mugallymy – ýokary okuw mekdebiniň degişli hünäri boýunça hünärmeniň diplomy ýa-da taýýarlygyň degişli ugry boýunça bakalawryň diplomy.

Eger diplom pedagogik hünär derejesini göz öňünde tutmaýan bolsa, onuň eýesi pedagogik ugurly ýokary okuw mekdebinde (fakultetinde) goşmaça pedagogik taýýarlygy okuwyny geçýär.

18.2. Bank mekdebi hünärmenleri taýýarlamagyň hilini kämilleşdirmäge, pedagogik işgärleriň ussatlygyny ýokarlandyrmaga, okuwy ylmy-usuly taýdan guramaga gönükdirilen işleri geçirýär.

18.3. Bank mekdebiniň alymlyk derejeleri we (ýa-da) alymlyk atlary bolan mugallymlary ylmy-pedagogik işgärler hökmünde kesgitlenýärler. Bank mekdebiniň

ylmy-pedagogik işgärleri Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, hukuklardan peýdalanýarlar hem-de borçlaryny ýerine ýetirýärler.

18.4. Bank mekdebiniň mugallymlary üçin bellenen tertipde ýyllyk iş ýüki kesgitlenýär. Bank mekdebiniň pedagogik işgärleri üçin hepdede 36 (otuz alty) sagatdan artyk bolmadyk gysgaldylan dowamlylykdaky iş wagty bellenilýär.

18.5. Bank mekdebiniň pedagogik işgärleri we ýolbaşçylary üçin, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda, dowamlylygy 45 (kyrk bäş) senenama güni bolan her ýylky esasy rugsat bellenilýär.

Her ýylky esasy rugsat, kada görä, Bank mekdebine işe giren wagtyna garamazdan tomusky dynç alyş döwründe berilýär.

18.6. Bank mekdebiniň bilim işini ylmy iş bilen üstünlikli utgaşdyrýan pedagogik işgärine degişli Okuw-usulyýet geňeşiniň hödürlemegi boýunça, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda, ortaça zähmet hakyny we esasy iş ýerindäki wezipesini saklamak şerti bilen, okuw kitaplaryny hem-de okuw-usuly gollanmalaryny ýazmak, ylmy derejeleri almak üçin dissertasiýalary tamamlamaklyga döredijilik rugsady berilýär.

18.7. Bank mekdebinde pedagogik işgärleri wezipe borçlarynda göz öňünde tutulmadyk işlere çekmäge ýol berilmeýär.

## 19. Bank mekdebiniň pedagogik işgärleriniň hukuklary, borçlary we jogapkärçiligi

19.1. Bank mekdebiniň pedagogik işgärleriniň aşakdakylara hukuklary bardyr:

1) özüniň hünär işini amala aşyrmak üçin şertleriň üpjün edilmegine;

2) özbaşdak bilim işini alyp barmaga;

3) hünär mertebesini we abraýyny goramaga;

4) hünär derejesini ýokarlandyrmaga;

5) okuw-usuly we ylmy edebiýat bilen ýeňillikli şertlerde üpjün edilmäge;

6) bilim işinde gazanan üstünlikleri üçin höweslendirilmäge.

19.2. Bank mekdebiniň pedagogik işgärleriniň bilim we ylmy işleri üçin zerur bolan kitaphana we beýleki maglumat ulgamlarynyň, halkara kompýuter torlarynyň, maglumatlar binýatlarynyň çäklendirilmedik derejede elýeterli bolmagyna hukugy bardyr.

19.3. Bank mekdebiniň pedagogik işgärleriniň esasy işlerinden daşary özleriniň hünär bilimleriniň we endikleriniň derejesini ýokarlandyrýan ýa-da olaryň bilimlerini Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň öňünde duran meseleleri çözmek üçin ulanmaga mümkinçilik berýän hünär işini amala aşyrmaga hukugy bardyr. Şeýle iş olaryň esasy iş berijisi bolup durýan Bank mekdebiniň öňündäki borçnamalaryna ters gelmeli däldir.

19.4. Bank mekdebiniň pedagogik işgärleri hünär borçlaryny ýerine ýetirenlerinde olar okatmagyň kadalary we usullary babatda ykrar edilen hünär ýörelgelerini berjaý etmek şertlerinde erkin okatmak hukugyndan peýdalanýarlar.

19.5. Bank mekdebiniň pedagogik işgärleriniň täze okuw maksatnamalaryny, okuw kitaplaryny, okuw gollanmalaryny, şeýle hem okatmagyň usullaryny işläp düzmäge gatnaşmaga hukugy bardyr.

19.6. Bank mekdebinde okaýanlaryň bähbidine pedagogik işgärler bilen ata-eneleriň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň arasynda hyzmatdaşlyk üpjün edilýär.

Şol bir wagtyň özünde Bank mekdebiniň pedagogik işgärleri häsiýeti boýunça özüniň hünär borçlaryna girýän meselelere ata-eneleriň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň çendenaşa ýa-da esassyz goşulyşmagyndan goralýar.

19.7. Bank mekdebiniň pedagogik işgärleri aşakdakylara borçludyrlar:

1) özüniň hünär bilimlerini we pedagogik ussatlygyny hemişe kämilleşdirmäge;

2) okaýanlaryň, olaryň ata-eneleriniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň, şeýle hem bile işleýän kärdeşleriniň abraýyna we mertebesine sarpa goýmaga;

3) okuwy ýokary hünär derejesinde alyp barmaga, okaýanlaryň okuw maksatnamasyny döwlet bilim standartlaryna laýyklykda özleşdirmeklerini üpjün etmäge;

4) okaýanlaryň şahsy we döredijilik ukyplaryny ýüze çykarmak hem-de ösdürmek üçin şertleri döretmäge;

5) pedagogik etikanyň talaplaryny berjaý etmäge;

6) okaýanlary watançylyk, dogruçyllyk, ahlaklylyk we zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelemäge;

7) eýeleýän wezipesine laýyklygy babatda hünär synagyndan geçmäge;

8) işe kabul edilende deslapky lukmançylyk gözegçiliginden geçmäge;

9) Bank mekdebiniň serişdeleriniň hasabyna döwürleýin we nobatdan daşary lukmançylyk gözegçiliginden geçmäge;

10) zähmeti goramak babatda okuwlary okamaga we bilimleriň hem-de endikleriň barlagyndan geçmäge;

11) Bank mekdebiniň Tertipnamasyny we içerki düzgün-nyzam kadalaryny berjaý etmäge.

19.9. Bank mekdebiniň pedagogik işgärlerine okuw işlerinde öz wezipe ýagdaýyny okaýanlary syýasy maksatlara ýa-da Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we Türkmenistanyň kanunçylygyna ters gelýän hereketlere çekmek babatda peýdalanmak gadagan edilýär.

19.10. Bank mekdebiniň pedagogik işgärleri özleriniň borçlaryny ýerine ýetirmändikleri üçin, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

## 20. Bank mekdebiniň işgärleriniň hukuklary, borçlary we jogapkärçiligi

20.1. Bank mekdebiniň işgärleriniň şu aşakdakylara hukuklary bardyr:

1) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda bellenilen tertipde we şertlerde zähmet şertnamasyny baglaşmaga, ony üýtgetmäge we ýatyrmaga;

2) zähmet şertnamasynda şertlendirilen işiň özüne berilmegine;

3) zähmeti guramagyň we tehniki howpsuzlygyň döwlet standartlarynda göz öňünde tutulan şertlere, sanitariýanyň we arassaçylygyň, köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) talaplaryna laýyk gelýän iş ornuna;

4) iş ornunda zähmet şertleri, tehniki howpsuzlyk we zähmeti goramagyň talaplary hakynda doly we ygtybarly maglumaty almaga;

5) hiç hili hukuk kemsidilmesi bolmazdan, deň gymmaty bolan zähmet üçin deň töleg, öz kärine, hünär derejesine, zähmetiň çylşyrymlylygyna, ýerine ýetirilen işiň mukdaryna we hiline laýyklykda zähmet hakyny doly möçberde almaga, ýöne zähmet haky Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenen zähmet hakynyň iň az möçberinden

pes bolmaly däldir;

6) özüne hasaplanan zähmet haky we ondan tutulan tutumlar hakynda maglumatlary almaga;

7) işgärleriň aýry-aýry kärleri we toparlary üçin iş wagtynyň dowamlylygyny, gysgaldylan iş wagtyny bellemek, hepdelik dynç günlerini, işlenmeýän baýramçylyk we hatyra günlerini, şeýle hem her ýylky hak tölenilýän esasy we goşmaça rugsatlary bermek bilen üpjün edilýän dynç alyşa;

8) hünär taýýarlygyna, gaýtadan taýýarlanmaga we hünärini ýokarlandyrmaga;

9) ylmy-intellektual eýeçilige, rasionalizatorçylyk ýa-da oýlap-tapyjylyk üçin awtorlyga, şeýle hem awtorlyk hukuklary üçin sylaga;

10) eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, öz zähmet hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin birleşmäge, şol sanda kärdeşler arkalaşyklary birleşiklerine, şeýle hem beýleki jemgyýetçilik birleşiklerine birleşmäge;

11) Türkmenistanyň kanunçylygynda, köpçülikleýin şertnamada göz öňünde tutulan görnüşlerde kärhanany dolandyrmaga gatnaşmaga;

12) Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik usullaryň hemmesi bilen öz zähmet hukuklarynyň, azatlyklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagyna we goralyp saklanylmagyna, şeýle hem şahsy maglumatlarynyň goralmagyna;

13) köpçülikleýin şertnamany (ylalaşygy) işläp taýýarlamaga gatnaşmaga we onuň bilen tanyşmaga;

14) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly onuň janyna, saglygyna ýa-da emlägine ýetirilen zyýanyň (zeleliň), şol sanda ahlak zeleliniň öweziniň dolunmagyna kepilliklere we öwezini doluş pullaryna;

15) ýaşy boýunça, zähmete ukyplylygyny ýitirende, ekleýjisini ýitirende we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki ýagdaýlarda döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasyna we durmuş üpjünçiligine;

16) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan beýleki hukuklara.

20.2. Bank mekdebiniň işgärleri şu aşakdakylara borçludyrlar:

1) öz zähmet borçlaryny päk ýürekden ýerine ýetirmäge;

2) bellenilen zähmet kadalaryny (kadalaşdyrmalaryny) ýerine ýetirmäge;

3) zähmet düzgün-nyzamyny, Bank mekdebiniň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryny berjaý etmäge;

4) Bank mekdebiniň direktorynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna, Bank mekdebiniň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna ters gelmeýän ýazmaça ýa-da dilden berýän buýruklaryny ýerine ýetirmäge;

5) zähmeti goramak we zähmetiň tehniki howpsuzlygyny üpjün etmek baradaky kadalary, gollanmalary, düzgünnamalary we buýruklary berjaý etmäge;

6) resminamalary, maddy, pul we gaýry gymmatlyklary saklamagyň bellenilen tertibini berjaý etmäge;

7) ýerine ýetirilýän işleriň, bitirilýän hyzmatlaryň hiline bolan bellenilen talaplaryň berjaý edilmegini üpjün etmäge, tehnologik düzgün-nyzamy berjaý etmäge;

8) Bank mekdebiniň (eger Bank mekdebi emlägiň aýawly saklanylmagy üçin jogapkärçilik çekýän bolsa, şol sanda Bank mekdebindäki üçünji taraplaryň emlägine)

we beýleki işgärleriň emlägine aýawly garamaga;

9) öz iş ornuny tertipli we arassa saklamaga;

10) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwlet, täjirçilik we gaýry syrlaryny düzýän, özüne ynanylan maglumatlary aýan etmezlige;

11) adamlaryň janyna ýa-da saglygyna, Bank mekdebiniň emläginiň abat saklanylmagyna howp döredýän ýagdaýyň ýüze çykanlygy hakynda Bank mekdebiniň direktoryna ýa-da gös-göni öz ýolbaşçysyna gaýra goýman habar bermäge (eger Bank mekdebi emlägiň abat saklanylmagy üçin jogapkärçilik çekýän bolsa, şol sanda Bank mekdebindäki üçünji taraplaryň emlägine);

12) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan gaýry borçlary ýerine ýetirmäge.

20.4. Bank mekdebiniň işgärleri özleriniň borçlaryny ýerine ýetirmändikleri üçin, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

## 21. Bank mekdebiniň talyplarynyň hukuklary, borçlary we jogapkärçiligi

21.1. Bank mekdebinde okaýan talyplar talyp haklary bilen üpjün edilmeýär.

21.2. Bank mekdebinde orta hünär biliminiň bilim maksatnamalary boýunça okamagyň gündizki görnüşinde okaýan ýetim çagalaryň we ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň howandarlygyndan galan çagalaryň eklenji we okuwy olaryň ýaşy 24-e ýetýänçä doly döwlet üpjünçiligi esasynda amala aşyrylýar.

21.3. Bank mekdebiniň talyplarynyň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan düzgünnamada bellenilen şertlere laýyklykda, sebäpli (akademiki) rugsat almaga, Bank mekdebiniň içinde, şeýle hem beýleki bir orta hünär okuw mekdebine başga bir hünäre (taýýarlygyň ugruna) geçmäge, ozal talyplaryň hataryndan çykarylanlaryň talyplyga dikeldilmäge hukugy bardyr. Muňa olaryň talyp adyna ysnat getiren etmişleri bilen bagly halatlar degişli däldir.

21.4. Bank mekdebinde okaýan talyplar Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan bellenen tertipde umumy ýaşaýyş jaýlaryndan tölegli esasda ýaşaýyş ýerleri bilen üpjün edilýär.

Welaýatlardan ýa-da başga ýerlerden gelen talyplar umumy ýaşaýyş jaýlaryň ýerleşýän salgylary boýunça okuw möhletiniň tamamlanýan wagtyna çenli bellige alynýarlar.

21.5. Bank mekdebi bilen özara gatnaşygynyň çäklerinde talyplar şu aşakdaky hukuklara eýedir:

1) jemgyýetçilik guramalaryň üsti bilen Bank mekdebiniň talyplarynyň durmuşynda ýüze çykýan meseleleriniň çözgüdine gönüden-göni gatnaşmaga;

2) Bank mekdebinde goşmaça okadylýan okuw sapaklaryna gatnaşmaga;

3) Bank mekdebiniň kitaphanasyndan, tehniki-okuw serişdelerinden, okuw-önümçilik, ylmy, medeni we sport binýatlaryndan peýdalanmaga;

4) Bank mekdebiniň ýa-da onuň üsti bilen degişli taraplaryň guraýan ylmy-barlag işine, ylmy-amaly maslahatlaryna, seminarlaryna we beýleki okuw-usulyýet, medeni we sport çärelerine gatnaşmaga;

5) okuwyň dowamynda özi üçin tehniki we saglyk taýdan howpsuz şertleriniň üpjün edilmegini Bank mekdebinden talap etmäge;

6) okuw derslerini hil taýdan kanagatlanarsyz alyp barýan pedagogiki işgärleri çalyşmak baradaky meseläni Bank mekdebiniň ýolbaşçylygynyň öňünde goýmaga.

Şeýle-de, Bank mekdebiniň talyplarynyň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde şu aşakdakylara hukuklary bardyr:

1) okuwyň tölegini tölemek, okuw hem-de ylmy edebiýatlary edinmek, şeýle hem naharlanmak, ýaşamak we beýleki durmuş hajatlarynyň çykdajylaryny kem-käsleýin ýapmak üçin döwlet bilim karzyny almaga;

2) ýerine ýetiriji häkimiýetiň degişli edaralarynyň çözgüdi boýunça okatmagyň gündizki görnüşinde okaýanlar üçin jemgyýetçilik ulagynda (taksiden başga) ýeňillikli gatnamaga;

3) Bank mekdebinde okaýanlar üçin demir ýol we şäherara awtomobil ulagynda (taksiden başga) gyşky we tomusky dynç alyş döwründe ýeňillikli gatnamaga.

Bank mekdebiniň talyplarynda okuwyň üznüksizligini gazanmak we olary hünäre ugrukdyrmak maksady bilen, umumybilim edaralaryny tamamlan ýaş oglanlaryň Bank mekdebiniň giriş synaglaryna gatnaşmagy üçin, bir gezek mümkinçilik döretmek şerti bilen, «Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda harby gulluga çagyryş möhletini wagtlaýyn yza süýşürmäge hukuklary bar.

Bank mekdebini tamamlan, ýaňy işe kabul edilen ýaş hünärmenler girdeji salgydyny zähmet döwrüniň birinji ýylynda bellenilen kadasyndan 50 göterim, ikinji we üçünji ýylynda 25 göterim ýeňillikli tölemegiň tertibini Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenmek hukugyndan peýdalanyp bilerler.

21.6. Bank mekdebiniň talyplary şu aşakdakylara borçlydyrlar:

1) okuwyň rejesine laýyklykda sapaklara işjeň gatnaşmaga, okuw we ýerine ýetirijilik kadalaryny berjaý etmäge;

2) öz saýlap alan hünäri boýunça okuw meýilnamasynda we maksatnamasynda göz öňünde tutulan dersleri nazary taýdan çuňňur özleşdirmäge, kesgitlenen göwrümli okuw ýüküni we özbaşdak işi ýerine ýetirmäge, sapaklara özbaşdak taýýarlanmaga, tabşyrylýan ýumuşlaryň ähli görnüşlerini bellenen möhletinde ýerine ýetirmäge;

3) tejribeligi geçmek üçin Türkmenistanyň bank ulgamyna iberilen ýerinde tejribe endiklerini we işiň döwrebap usullaryny ele almaga;

4) Bank mekdebiniň talyplary üçin bellenen tertip-düzgün kadalaryny öz içine alýan içki kadalaşdyryjy namalaryny berjaý etmäge;

5) Bank mekdebinde talyplaryň lybasynyň we daşky görnüşiniň sypatyna bildirilýän anyk talaplara laýyklykda geýinmäge;

6) Bank mekdebiniň emlägini aýamaga we oňa talyp tarapyndan ýetirilen maddy zyýanyň öwezini bellenen tertipde dolmaga;

7) Bank mekdebi bilen baglaşylan şertnamada göz öňünde tutulan bilim bermek hyzmatlary üçin her ýylky okuw töleglerini şertnamada görkezilen möçberde we möhletlerde öz wagtynda geçirilmegine tagallalary etmäge;

8) öz saglygyny gorap saklamak we berkitmek barada alada etmäge, ahlak, ruhy we beden taýdan ösmegine we öz-özüni kämilleşdirmegine ymtylmaga;

9) beýleki talyplaryň we Bank mekdebiniň işgärleriniň namysyna we mertebesine hormat goýmaga, beýleki talyplaryň bilim almagyna päsgelçilik döretmezlige.

21.7. Talyplaryň gowy okap, ylmy-barlag we jemgyýetçilik işlerine işeňňir gatnaşan ýagdaýlarynda, olara minnetdarlyk yglan etmek, sylag bermek, gymmat bahaly

sowgatlar bilen sylaglamak, hormat hatyny gowşurmak, hormat tagtasyna çykarmak ýaly höweslendirmeler bellenilýär.

21.8. Talyplara jemgyýetçilik tertibini, içerki okuw tertibiniň kadalaryny we umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşamagyň düzgünini bozandygy üçin duýduryş bermek, käýinç yglan etmek, berk käýinç yglan etmek, Bank mekdebiniň talyplarynyň hataryndan çykarmak ýaly täsir ediş düzgün-nyzam temmileri ulanylyp bilner.

## 22. Bank mekdebiniň hususy serişdeleri, maliýeleşdiriş çeşmeleri, emlägi

22.1. Bank mekdebi özbaşdak, şu Tertipnamada özüne berilýän ygtyýarlyklaryň (hukuklaryň) çäginde maliýe-hojalyk işlerini alyp barýar we öz serişdelerini ulanmagynyň tertibini kesgitleýär.

Bank mekdebiniň girdejiler we çykdajylar meýilnamasy (smetasy) Bank mekdebi tarapyndan düzülip, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan tassyklanylýar.

22.2. Bank mekdebiniň hususy serişdelerini Türkmenistanyň Merkezi bankynyň maýa goýumlary we Bank mekdebiniň peýdasynyň hasabyna döredilen esaslyk, toplanyş, sarp ediş hem-de ätiýaçlyk gaznalary düzýär.

Bank mekdebiniň esaslyk gaznasy 1.102.303,22 (bir million bir ýüz iki müň üç ýüz üç) manat 22 teňňe möçberinde kesgitlenen we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň maýa goýumynyň hasabyna emele getirilen.

22.3. Bank mekdebiniň maliýeleşdirilişi bilim maksatnamasynyň mazmunyny, okatmagyň tehnologiýalaryny, okatmagyň görnüşlerini, saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçilikleri çäkli okaýanlaryň bilim almagynyň ýörite şertlerini, okatmagyň we terbiýelemegiň howpsuz şertlerini üpjün etmegi, okaýanlaryň ömrüni we saglygyny goramagy hasaba almak bilen, olarda okaýanlaryň birine düşýän hasaba görä düzülen, Bank mekdebiniň orta hünär okuw mekdepleriň arasyndaky degişliligi boýunça görnüşine laýyklykda, maliýeleşdiriş kadalyk ölçegleri esasynda amala aşyrylýar.

22.4. Bank mekdebiniň işini maliýeleşdirmegiň çeşmeleri aşakdakylardan ybaratdyr:

1) raýatlaryň hususy serişdeleri;

2) Türkmenistanyň bank ulgamynyň serişdeleri;

3) hojalyk hasaplaşygy esasynda hereket edýän ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň serişdeleri;

4) ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginiň kärhanalarynyň we guramalarynyň serişdeleri;

5) az ilatly, barmasy kyn we uzakdaky ilatly ýerlerde ýaşaýan raýatlardan maksatlaýyn taýýarlamak üçin Türkmenistanyň bank ulgamynyň, hojalyk hasaplaşygy esasynda işleýän ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň hem-de ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginiň kärhanalarynyň we guramalarynyň serişdeleri;

6) Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik beýleki çeşmeler.

22.5. Bank mekdebiniň işjeňligi tölegli esasda bilim maksatnamalary boýunça okuwa kabul edip, bilim bermekden we işgärleri hünäre taýýarlamakdan gelýän serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Bank mekdebi öz işlerini amala aşyrmak üçin, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde, şu Tertipnamada göz öňünde tutulan goşmaça işleri we hyzmatlary

ýerine ýetirmek arkaly, şeýle hem Türkmenistanyň we (ýa-da) daşary ýurt döwletleriniň fiziki we (ýa-da) ýuridik şahslarynyň meýletin haýyr-sahawatlarynyň we maksatlaýyn gatançlarynyň hasabyna serişdeleri çekmäge hukugy bardyr.

Bank mekdebi tarapyndan goşmaça serişdeleriň çekilmegi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan maliýeleşdirmegiň kadalyk ölçegleriniň azalmagyna getirmeýär.

22.6. Bank mekdebi öz ygtyýarynda galýan serişdeleriň çäklerinde mätäçlik çekýän talyplara durmuş goldawyny özbaşdak berip biler.

Bank mekdebinde okaýan raýatlara Türkmenistanda bilim karzlary arkaly döwlet goldawy berilýär.

22.7. Bank mekdebiniň maddy binýadyny ýer, binalar, desgalar, enjamlar, ulag serişdeleri, şeýle hem okatmak, terbiýelemek, bilim babatda beýleki meseleleri çözmek üçin ulanylýan sarp ediş, ýaşaýyş-durmuş, medeni we beýleki maksatly emläkler düzýär.

22.8. Bank mekdebine berkidilen döwlet emlägi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kärendesine berlip bilner.

Kärende tölegi hökmünde alnan serişdeler Bank mekdebiniň bilim işini üpjün etmek we ösdürmek üçin ulanylýar.

22.9. Bank mekdebiniň dessin dolandyryşyndaky ýa-da garamagyndaky okuw, önümçilik, ýaşaýyş-durmuş, medeni maksatly binalardaky önümçilik we ýaşaýyş-durmuş infrastrukturalarynyň desgalary we umumy ýaşaýyş jaýlary, şol sanda ýaşaýyş jaýlary hususylaşdyrylmaga (döwlet eýeçiliginden aýrylmaga) degişli däldir.

Bank mekdebiniň eýeçiligine berkidilen emlägiň alynmagyna we (ýa-da) aýrylmagyna diňe Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýol berilýär.

Bank mekdebi eýeçiligine berkidilen emlägiň abatlygyny we netijeli peýdalanylmagyny üpjün edýär.

22.10. Bank mekdebi Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgytlardan, ýygymlardan, paçlardan we tölegleriň ähli görnüşlerinden boşadylýar.

## 23. Bank mekdebinde hasaba alyş, hasabat we gözegçilik

23.1. Bank mekdebi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, öz işiniň netijeleri barada dessin we buhgalterçilik hasaba alyşy amala aşyrýar, bellenen görnüşlerde statistiki we buhgalterçilik hasabatyny ýöredýär, şeýle hem Türkmenistanyň Merkezi bankyna serişdeleriň gelşi we sarp edilişi hakynda ýyllyk hasabaty berýär.

23.2. Bank mekdebinde buhgalterçilik hasaba alyşyň esasy wezipeleri şulardan ybarat:

1) Bank mekdebiniň hojalyk işleriniň ýagdaýy we işiň netijesi barada dessin dolandyryş üçin zerur bolan doly we takyk maglumatlary düzmek;

2) emläkleriň bardygy we hereketdedigine gözegçiligi üpjün etmek, maddy, zähmet we maliýe gorlaryny kadalara, kadalaşdyryjylara we smetalara laýyklykda peýdalanmak;

3) maliýe-hojalyk işlerindäki ýaramaz ýagdaýlaryň wagtynda öňüni almak, içerki hojalyk gorlaryny ýüze çykarmak we jemlemek.

23.3. Bank mekdebi döwlet, durmuş-üpjünçilik we maliýe-ykdysady syýasatlarynyň çäklerinde, dolandyryş, maliýe-hojalyk, şahsy düzüm we beýlekiler

baradaky resminamalaryň saklanylmagyny, ylmy-taryhy ähmiýeti bolan resminamalaryň bellenen tertipde döwlet arhiwine tabşyrylmagyny üpjün edýär.

23.4. Bank mekdebiniň maliýe-hojalyk işine gözegçilik Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Merkezi banky, tassyklanan meýilnama esasynda Bank mekdebiniň maliýe-hojalyk işiniň toplumlaýyn barlagyny ýylda azyndan bir gezek geçirýär.

## 24. Jemleýji düzgünler

24.1. Bank mekdebi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilýär, üýtgedilip guralýar we ýatyrylýar.

24.2. Bank mekdebinde şu Tertipnama döwlet tarapyndan bellige alnandan soň ýuridiki güýjüne girýär. Şu Tertipnama döwlet dilinde düzüldi.

**SAHYPA BELGILENDI**
**WE BAGJYKLANDY**

...ýigrimi alty)